***Senagat toplumynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy we innowasion esasda ýola goýulmagy ýurdumyzyň importynyň düzümini kämilleşdirmäge düýpli itergi berýär. Ýurdumyzyň dokma senagaty dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümleri çykarýan, eksport ugurly pudaklaryň biri bolup durýar.***

Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, şu ýylyň 11 — 13-nji iýuny aralygynda ýurdumyzda ilkinji gezek geçirilýän «Turkmentextile Expo — 2025» atly halkara sergi-ýarmarka ýurdumyzyň dokma senagatynda ýetilen sepgitler bilen tanyşmaga, özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we ösdürmäge, öňdebaryjy tejribäni alyşmaga oňaýly mümkinçilikleri döredýär.

Ýeri gelende bellesek, Ýaponiýanyň Osaka şäherinde guralýan «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisinde ýurdumyzyň milli pawilýony öz işini üstünlikli dowam etdirýär. Aprel aýynda gapylaryny giňden açan iri sergä Türkmenistanyň gatnaşmagy aýratyn ähmiýete eýe bolup, açylyş dabarasyna hormatly Prezidentimiziň hem gatnaşmagy täze taryhy döwrümiziň möhüm wakalarynyň biridir. Şunda milli önümlerimiz bilen bir hatarda, dokma senagatynyň gazananlary hem görkezilip, dünýä jemgyýetçiliginde gyzyklanma döredýär. Şunda milli pawilýonymyzyň 3-nji gatynda ak öýümiziň ýarym aýlaw şekili gadymy haly önümleri we milli saz gurallary bilen bezelip, türkmen ak öýüniň görnüşi janlandyrylýar.

Taryh türkmen topragynyň ähli döwürlerde hem iri medeni ojaklaryň biri bolandygyny äşgär edýär. Ýüpek ýüplügininiň inçeligi ýaly, türkmen halkynyň döredijilik ruhy hem inçe we çuň manylydyr. Bu ruh müňýyllyklaryň dowamynda taplanyp, sungatyň we döredijiligiň beýik güýjüni emele getirdi. Beýik Ýüpek ýolunyň üsti bilen diňe bir türkmen topragynyň baýlyklary däl-de, halkymyzyň milli sungaty, medeni mirasy, zehini we ruhy güýji hem bütin dünýä meşhur bolupdyr. Şoňa görä-de, «Turkmentextile Expo — 2025» halkara sergi-ýarmarkasy Beýik Ýüpek ýolunyň täze sahypasydyr, çeper elli gelin-gyzlarymyzyň döredijilik güýjüniň baýramydyr. Şular bilen birlikde, bu ylmy, sungaty, däbi we ruhy bitewüleşdirýän dabaradyr, milli medeniýetiň, gözelligiň we filosofiki düşünjäniň dabarasydyr.

**Ýupar EGIRJÄÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 06.12.2025